# Demokratiýa / satiriki hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Demokratiýa / satiriki hekaýa DEMOKRATIÝA




Saýlawlar sag-aman geçdi. Kän zatlary öwrendik. Utuk gazanan ýerimizem boldy, wah diýip ahmyrly galan wagtlarymyzam selçeň bolmady. Üstünligem, kemçiligem – ikisem ýeneki saýlawlara sapak boldy.
– Men-ä kimiň elinde rol bolsa şoňa ses beräýerindirin. Sebäbi kim-de-kim rol tutsa şonuň roly belent, güýçli. Ýykjak gümanyň ýok. Roldan bek ýapyşyp otursa golaýyna baryp bilmersiň.
Özüm-ä Arazgül diýen gyza sesimi berdim. Onuň elinde rol bar. Ol trolleýbus sürýär. Özünem men ony her gün diýen ýaly görüp bilýän. Başga birine ses beren bolsam men ony nireden göreýin. Hatda öz aýalyna ses berseňem ony gurultaýda ýa sessiýada otyrka telewizorda göräýmeseň aşhanaňda, ýa ýorganyňda görjek gümanyň ýok.
Arazgüli islän wagtym görüp bilýän. Onuň owsarly maýa ýaly trolleýbusly şäheriň ol çetinden bu çetine çenli aralykda zol aýlanyp ýör. Arazgül awtobusyň sürüjisem bolanlygynda ol liniýadan çykyp gaýtaryjy diýip giderdi. Deputatymyň daňylgydygyna şükür.
Saýlawlaryň öň ýanynda deputatlyga kandidatlaryň wadalaryny eşitdik. Herimize ýekän-ýekän gutlag «otkrytkalaryny» paýlap berdiler. Biz beýle gutlag sözüni öz doganymyzdan henize bu güne çenli eşidip göremzokdyk. Käsi doglan günümiz bilen mübärekledi. Käsi ýogalan garrymyzyň belli günlerine gelip aglady. Onsoň neneň gözüňe ýaş aýlanmasyn. Biri: «Üç tonna,

täzeje, ýaňy saglan, ýylysy sowamadyk süýt bereýin» diýip, süýt kölüne gark etdi. Duşuşyga gelen saýlawçylar gülüşdiler. Ýeser biri zaldan: «Täzemi dogrudanam?» diýip sorady. Kandidat: «Walla, täp-täzeje» diýdi. Men-ä ýaňky sagymçy kandidaty ökde gördüm.
Kandidatlaryň biri: «Sag eliňiz sary ýagda, çep eliňiz gowurdakly golçada bolar» diýdi. «Şokolad bilen it keseklärsiňiz». Kän zady sada berdi.
«Garnyňyz iki sygyrlyň süzme derisi ýaly pökgerip galybir. Göbegiňize ik sokubermeli bolar».
Üçünji bir kandidat oňardy. Ol beýlekiler ýaly däl eken. Ol saýlawçylary süýt kölüne gark etjegem bolup durmady. Her şäheriň, her posýologyň çetinde näçe gazak obasynyň ýok ýeri barmy, ana ýaňky kandidat şol obalara saýlawyň öňýanynda gara çaýy eltdi döküýdi. Gabynyň daşu pil suratly, Täçmahal suratly, gözüňe söweýin, hindi gara çaýy. Seýlon çaýyny isleýäňmi, baş üstüne. Türk çaýyny küýseýäňmi gözüm üstüne, noş bolsun! Onsoň ses berilýän güni eli býulletenli ýaşuly gazaklar: «Kara şaý bergen munawlardyň kaýsy?» diýip ýörler. Ol kandidar deputatlygy gözüňe basyp alýar.
Geçen saýlawlarda kandidatlaryň ynanylan adamlary zor işlediler. Eger kandidat ýokary wezipeli adam bolsa: «Diýeni bolýa. Bar işiňizi diňe telefon bilenem düzedip bilýär. Wezipede ýetjek derejesine ýetdi. Hiç kimden çekinji, gorky-ürküsi ýok» didip agitasiýa etdiler. Çopan-çoluk, işçi kandidat üçin: «Wezipe hantama däl. Hiç kimden çekinenok. Gözüne urlan ýaly sokulyp baryberýär» diýen sözleri ulandylar.
Ýene bir täzelik, geçen saýlawlarda ýazyjy, artist, bagşy, umuman, sungat işgärleri defisit boldy. Kim dilewar bolsa kandidatlar şoňa hyrydar çykyp, garbap aldylar. Öň bu kärdäki adamlara awtomobiliň zapas tigrine garaşylyşy ýaly seredilýärdi, yzda saklaýardylar. Haçan tigir ýarylanda ýatlaryna düşýärdi. Demokratiýa özüni görkezýär!
Gurbangylyç HYDYROW. Satiriki hekaýalar